# Her döwür — bir döwür

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Her döwür — bir döwür **HER DÖWÜR — BIR DÖWÜR**




Ýanwar, fewral, mart, aprel,
Maý, iýun, iýul hem awgust,
Oktýabr hem noýabr, hem dekabr,
Ýitip gitdi dilimizden,
Göçüp gitdi ilimizden.
Oňa derek Türkmenbaşy,
Baýdak, Nowruz, Gurbansoltan,
Magtymguly, Oguz, Gorkut,
Alp-Arslan, hem Garaşsyzlyk,
Sanjar hem-de Bitaraplyk,
Atlarmyzyň başy boldy,
Göwünleriň “hoşy” boldy.

Bir hepdede ýedi günüň —

Duşenbäniň, sişenbäniň, çarşenbäniň,
Penşenbäniň, ýa annanyň, ýa şenbäniň, ýekşenbäniň,
Günäsi nä?
Ata-babaň bilýän ady,
Ýüzlerine sylýan zady.

Baş gün, ýaş gün hem-de hoş gün,
Hem sogap gün, hem anna gün,
Ruh güni hem-de dynç gün.
Hany olar, urdy nä jyn?!

Ýogsam, walla, aýtsam saňa,
Üýtgejekdi adymyzam,
Üýtgejekdi ýadymyzam.
Bir pähimdar Gerçek gelip,
Ýetişendir dadymyza,
Köp zat saldy ýadymyza…

27.02.2024 ý. Goşgular